Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde üstünlikli işler durmuşa geçirilýän ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň taýsyz-tagallasy netijesinde söwda-ykdysady gatnaşyklarynda birnäçe üstünlikli ädimler ädilýär. Ýurdumyzda söwda-ykdysady gatnaşyklary döwlet tarapyndan goldamagyň maksatnamalaýyn ulgamy işlenilip taýýarlanyldy we ol üstünlikli hereket edýär.

Şol nukdaýnazardan ugur alyp, golaýda Söwda-senagat edarasynda “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny” atly halkara maslahat geçirildi.

Maslahata Hökümet agzalary, Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary we wekilleri, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, halkara guramalarynyň we maliýe guramalarynyň wekilleri, Merkezi Aziýa, Ýakyn Gündogar, Aziýa-Ýuwaş umman sebiti, Ýewropa ýurtlarynyň döwlet we hususy pudaklarynyň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary we KHBS-iň wekilleri gatnaşdylar.

Bu maslahatda, Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň düzmelidigini, islendik iri ykdysady, infrastruktura, söwda we maýa goýum taslamalarynyň diňe durnuklylyk hem-de birek-birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biljekdigine üns çekildi.

Bu forum hem halkara ähmiýete eýe bolup, Türkmenistanyň sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň ykrar edilýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy. Ýurdumyz oňyn Bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirmek bilen, döwletara, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk durnukly ösüşi üpjün etmekde strategik ähmiýete eýedir.

Ol söwda, energetika, ulag we ekologiýa ýaly ugurlarda bilelikdäki taslamalary öz içine alýar. Bu ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek diňe bir ykdysady ösüşe ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, ýurtlaryň arasyndaky ynanyşmak dialogyny hem pugtalandyrýar. Munuň özi durnukly ösüşi üpjün etmegiň wajyp şerti bolup çykyş edýär.

Döwlet Baştutanymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ak mermerli paýtagtymyzda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat Merkezi we Günorta Aziýa sebitinde ykdysady durnuklylygy üpjün etmekde, energetika, ulag, üpjünçilik ulgamlarynyň taslamalaryny netijeli durmuşa geçirmekde, degişli ugurlarda maýa goýum mümkinçiliklerini artdyrmakda

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

onuň örän uly ähmiýetine eýedir.

Şeýlelikde, paýtagtymyzda geçirilen bu forum Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy hem-de durnukly ösüşini üpjün etmäge, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge gönükdirilen halkara başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýändigininiň aýdyň beýany boldy.

Parahatçylyk we abadançylyk ýörelgelerini, Bitaraplyk syýasatyny ýöredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň  janlary sag, belent başlary aman bolsun, ýurdumyzyň ösmegi ugrunda alyp barýan işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Nurmuhammet ATAÝEW**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby**

Все права защищены